# Hümmet Hekim

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hümmet Hekim HÜMMET HEKIM

Hümmet Hekimow 1956-njy ýylda Aşgabat etrabynyň Gökje obasynda dogulýar. On ýyllyk mekdebi tamamlandan soň, Aşgabadyň Gara Seýitliýew adyndaky medeni aň bilim tehnikumyny gutarýar. Türkmenistanyň Medeniýet Ministrliginde uly metodist bolup işleýär. Ol elmydama edebiýat bilen gyzyklanyp gelýär. Onuň öz döreden goşgularyny kitapcy.com edebiýat internet sahypasyndan okap bilersiňiz.

■ DUŞ BORSUŇ

Ýüregiň päk tutup Hudaýa uýsaň,
Wy£danyň öňünde bir ak guş borsuň.
Görip bolup pukaraň hakyn iýseň,
Ýol uzakdyr melamata duş borsuň.

Arassa söwda kyl ýol bar ýörmäge,
Bilmeýäniň utanmagyn sormaga,
Wagt tapyň dogan-gardaş görmäge,
Dynç alanda öz-özüňden hoş borsuň.

Maňlaý deriň aýamagyn toprakdan,
Daş bolgun özi baý akly çüprekden,
Ýenjilmäni öwrenseň bor deprekden,
Gahryň ýutsaň abyraýa duş borsuň.

Hümmet Hekim ne ömür bar adamda,
Deň tutawer ýakynyňy-ýadyňda,
Myhmandan aýama zerre zadyňda,
Alla berse kän nygmata duş borsuň…

■ ŞEÝTAN ALYNA

Pygamberden wesýet musulmanlara,
Gaharyñ bas, gitme şeýtan alyna.
Şeýtan jetlik saljakdyr ynsanlara,
Paýhas eýle, gitme şeýtan alyna.

Gahar gelse, dik duran bolsañ otur,
Otyrkañ ýassyga tirsegiñ ýetir,
Kurany kelamy diliñe getir,
Paýhas eýle, gitme şeýtan alyna.

Pikir eýle, hakmy señ dökjek ganyñ,
Watan, namys, diniñ üçin ber janyñ,
Nadana tyg urma, alaýsa malyñ,
Tut kaza ber gitme şeýtan alyna.

Gahar gelip säwlik bilen jet bolsañ,
Abraýyñ artar señ, töwella alsañ,
Şeýtany güldürme başaryp bilseñ,
Hümmet gitme däli şeýtan alyna.

■ DÜŞÜN SEN

Iki çaga ýol üstünde uruşýar,
Bir gün agşamara gelýärdim işden.
Birisi ejizläp gaçýar sögüşýär,
»Señ ejeñ daşyna »Ak möjek» üýşsün».

Bu goşguda seretmedim hiç kada,
»Ak möjek» degene şuda bolýa-da,
Eli bilen juwan ömrüni oda,
Atyp ýakýanyna ýaşlar düşünsin.

»Ak möjek» degensoñ gowy ekine,
Peýdasy ýok awy sepseñ-de diñe,
Gabatsyz ak möjek ölümdir saña,
Ýaş ýigitler şoña ýagşy düşünsin.

Ýülügiñ guradyp, nesiliñ keser,
Baýlygyñy ýakyp, öýüñi ýykar,

Çagalaryñ, gelniñ bil senden geçer,
Ýigidi bigaýrat edýär düşün sen.

Päk gez bu neşeleñ birinem etme,
Ýaşlykdan şeýtanyñ raýyna gitme,
Diýer Hümmet, maşgalañy hor etme,
Sypmak kyndyr bir toruna düşensoñ. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly